# Bütindünýä ýylgyryş güni!

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bütindünýä ýylgyryş güni! BÜTINDÜNÝÄ ÝYLGYRYŞ GÜNI!




1. 4-nji oktýabr – Bütindünýä ýylgyryş güni!
2. Ýylgyryş – bu adamyň dogabitdi ukybydyr. Alymlar, bäbek dünýä inen pursadyndan başlap ýylgyrmaga ukyply diýip hasaplaýarlar. Sebäbi bäbekleriň aglaba köpüsi ululardan öwrenmäge ýetişmänkälerem ýylgyryp bilýärler;

3. Kaliforniýa uniwersitetiniň hünärmenleri bäbekleriň oýalykda diňe özlerine jogap hökmünde ýylgyrmaklarynyň mümkinçiligi bar wagtynda ýylgyrýandyklaryny anyklapdyrlar;

4. Ýylgyryş – ýokançdyr. Ýylgyrýan adamy görenlerinde adamlaryň aglaba köpüsi biygtyýar ýylgyryp başlaýarlar. Sebäbi adamyň zanny-ýasawy şeýle;

5. Uly ýaşly adam ortaça bir gije-gündiziň dowamynda 20 gezek ýylgyrýar, çagalar bolsa azyndan 300 sapar ýylgyrýarlar;

6. Orta hasap boýunça adaty aýal maşgala bir günüň dowamynda 62 sapar ýylgyrýar, erkek kişi bolsa 8 gezek;

7. Zenan ýylgyranda erkek kişä has ýakymly we özüne çekiji görünýär. Tersine erkek kişiniň ýylgyryşyny aýal maşgala hemle, howp hökmünde kabul edip bilýär;

8. Ýylgyrýan sary kökejik – smaýlik 1963-nji ýylda peýda bolupdyr. Ony amerikan suratkeşi Harwi Bell ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň sargydy boýunça çekipdir. Internetiň üsti bilen giň ýylgyryşly, ýiti sary reňkdäki, tos-togalajyk kökejik şekilli logotip bütin dünýä ýaýrapdyr. Suratkeş bolsa öz işi üçin 50 dollar galam hakyny alypdyr;

9. Mona Liza Jokondanyň ýylgyryşy örän köp gyraňlydyr. Onuň düzümininiň 83%-i bagtyýarlyk, 9%-i ýigrenç, 6%-i gorky we 2%-i gahar-gazap bolup durýar. Bu netijäni alymlar Mona Lizanyň ýylgyryşyny ýörite kompýuter programmasynyň kömegi bilen seljerenlerinden soň alypdyrlar;

10. Winskon uniwersitetiniň ylmy işgärleri Ýeriň ýüzünden iň köp ýylgyrýan adamlaryň nirede ýaşaýandyklaryny anyklapdyrlar. Bu seljermä 32 ýurduň ýaşaýjylary gatnaşypdyr. Iň köp ýylgyrýan adamlar hökmünde ABŞ-nyň we Günbatar ýurtlarynyň ilaty kesgitlenipdir. Iň az ýylgyrýan adamlar hökmünde Hytaýyň we Ýaponiýanyň ilaty hasaplanypdyr. Üstesine-de soňky iki ýurduň adamlary daşary ýurtlularyň suratlaryndaky ýylgyryşlaryny ýaranjaň we ýasama diýip hasaplapdyrlar;

11. Ruhyýeti öwreniji alymlaryň pikirine görä, hakyky ýylgyryşy galplaşdyrmak (çynyň bilen ýasama ýylgyrmak) mümkin däl diýip hasaplaýarlar. Sebäbi çyndan ýylgyryş dodaklaryň çetjagazlaryny ýokarylygyna galdyrýar, adamyň özi tarapyndan emeli döredilýän ýylgyryş bolsa diňe dodaklary iki taraplygyna dartýar. Onsoňam çyn ýylgyryş ortaça 4 sekunt dowam edýär;

12. Yzygiderli ýasama ýylgyrmak zerurlygynyň adamyň saglygyna zelel ýetirýändigini, gan basyşynyň ýokarlanmagyna, bedeniň kesellere garşy göreşmek ukybynyň gowşamagyna, göwnüçökgünlige getirýändigini alymlar belleýärler;

13. Haçan-da zenan öz çagasynyň ýylgyryşyny görende onuň

beýnisiniň adamyň şähdaçyk bolmagyny üpjün edýän dopamin suwuklygyny işläp çykarýan böleginiň has işjeňleşýändigini seljermeleriň netijesinde anyklapdyrlar. Şonuň ýaly-da, şeýle ýagdaýyň zenanlarda kesekileriň çagalarynyň ýylgyryşlaryny görenlerinde ýüze çykmaýandygam anyklanypdyr;

14. Alymlar uzak wagtyň dowamynda tebigatyň janly-jandarlarynyň içinde ýylgyryp bilýän diňe adamdyr öýdüp hasaplap gezipdirler. Emma, 1872-nji ýylda Çarlz Darwin özüniň “Adamyň we haýwanlaryň öz duýgularyny beýan edişleri” atly ylmy seljermesinde haýwanlaryňam “ýylgyryşyny” olaryň gulaklarynyň we guýruklarynyň hereketinden, agyzlarynyň açyklyk derejesinden “okap” bolýandygy hakyndaky çaklamany öňe sürüpdir.

Ýylgyryş barada anekdotlar:

***
Bir ýigit psihologa gürrüň berýär:
-Deýl Karnegini okap çykanymdan soň ertirden başlap täzeçe ýaşap başlamagy ýüregime düwdüm. Ir bilen işe gelşime günortana çenli hemmelere ýylgyrdym ýördüm. Günortandan soň başlygym ýanyma gelip: “Ýene-de birje gezek işe serhoş bolup geläýseň, işden gümüňi çekerin” diýdi.

***
Elli ýaşyndaky aýal maşgala plastik lukmanyň ýanynda ýüzüniň gasyn atan hamyny çekdirmäge barýar we sorag berýär:
-Lukman jan, men operasiýadan soň ýylgyryp bilerinmi?
-Hymm…Bagyşlaň siziň äriňiz, çagalaryň barmy?
-Ýok.
-Siz baýmy?
-Ýok.
-Onda size ýylgyrmak nämä gerek?

***
Biri dostunyň ýanynda nalaýarmyş:
-Dost, hiç wagt hiç kime ýylgyrmagyn. Men ine, öz ömrümde

ýekeje gezek awtobusda bir gyza ýylgyrdym. Ine indem bäş sany çagam bar, özüm haçan görseň eklenjiň yzynda başagaý, buýra-buýra saçym düşüp, kelläm şyr-takyr, garnym özümden iki ädim öňde ýöreýär, heleýimem bazara çykarsaň, bir özi iki sygryň deregini tutjak…

***

Gije sagat birden soň ýelmeşek sakyrtga ýaly ýüregedüşgünç aşyk gyz magşugyna suwjuk sms ýollaýar:
“Janym, seniň hemmeje zadyň meniň üçin gymmatly. Eger-de sen uklap ýatan bolsaň maňa düýşleriňi iber. Eger-de ýylgyrýan bolsaň maňa ýylgyryşyňy iber. Eger-de gamgyn bolsaň maňa gussaňy iber. Men seniň aşygyň!”.
Sähel salymdan soň magşuk ýigitden jogap habary gelip gowuşýar:
“Men şu wagt hajathanada. Saňa näme ibermeli?”.